# «Yhlas bilen ak tozgaňy seçeläp…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Yhlas bilen ak tozgaňy seçeläp…" «YHLAS BILEN AK TOZGAŇY SEÇELÄP…»

Yhlas bilen ak tozgaňy seçeläp,
Ýer ýüzüne dokaýarsyň ak haly,
ýiti päki bilen ýüzleri ýylmap,
Awundyrýar, öwsüp sowuk şemaly.

Ýelek ýasap agaçlaryň şahasyn,
Aýna bilen örtüp, ýaplaryň suwyn,
Bar yhlasyň ýele ýegsan eýledi,
Bulutlardan ýylgyryp çykanda gün…

Gyş!
ykbalymyz meňzeş ekeni,
Biziň eden yhlasymyz bir meňzeş.
Sowuk pikirlerime, ýazýan setirme,
Meňzeş eken,
Meňzeş eken, sowuk gyş!

Men syýa ýüplikden dokaýan haly,
Ak kagyzyň ýumşak böwrüni sünjüp.
Käte düýrläp, kagyz pökgi ýasaýan,
Tokgalap, tokgalap elimde mynjyp.

Oklaýaryn basketbol topuny ed:p
Bolmajak bolanda olaň kabirin.
Zyňýan urna basketbol toruna derek,
(Sportsmen bolardym men, üýtgetsem kärim).

Dokaýaryn…
gara ýüplük setirim,

Ak kagyza keşde çekýän nagyşlap,
Boýaýan, çyrşaýan, käbirin çyzýan,
Iki ýa üç bentde bezelýär goşgam,

Tirkeş bolup kerwen gurar pikirler
Okaýan, çyzýaryn ýene-de ýazýan,
Ahyr soňy lükgelenen setirler,
Tutaşdyrlyk bolup ojakda ýanýar…

Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular